# Owganystandan Ýewropa çenli 4 müñ km ýoly pyýada ýöredi, şindi tenini satyp gün görýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Owganystandan Ýewropa çenli 4 müñ km ýoly pyýada ýöredi, şindi tenini satyp gün görýär OWGANYSTANDAN ÝEWROPA ÇENLI 4 MÜÑ KM ÝOLY PYÝADA ÝÖREDI, ŞINDI TENINI SATYP GÜN GÖRÝÄR




Dogduk depesini taşlap Ýewropada ýaşamak islän diş lukmançylygy fakultetiniñ talyby paýu-pyýada Eýranyñ we Türkiýäniñ üstünden geçip baran Gresiýasynda häzir gününi görmek üçin etmeýän zady ýok.
Ýola çykanda 17 ýaşynda bolan Kasym atly owganystanly ýigit 4 müñ kilometrdenem köp ýol ýöredi. Azmlylyk bilen çykan ýolagçylygyny tamamlan Kasym häzir Afinydaky Omoniýa meýdançasynda tenini satyp gün görýär.




Tenini satýandygyny Owganystandaky maşgalasyndan bukýan, şonuň üçinem hakyky adyny aýtmakdan saklanan Kasym «Ähli gartaşan erkekler jynsy islegini kanagatlandyrmak üçin şu ýerik gelýär» diýýär.

Şeýtmäge mejbur bolýandygyny aýdýan Kasym sözüniň üstüni şeýle ýetirýär: «Aslynda, bu astyndan çykyp bolmajak ullakan masgaraçylyk. Biz gomoseksualist däl, bu işi hiç edesimiz gelenok. Emma köçede ýatyp-turmaly bolsaň, etmäge mejbur bolýan ekeniň.»

Her bolýan adamyndan 20 ýewro alýandygyny aýdýan Kasym uly akymly bosgunlardan soň bahanyň düşendigine ünsi çekýär.

Kasym şeýle diýip dirka, onuň beýle ýanynda akýagyz garry adamlaryň ýaş ýigitler bilen bahanyň üstünde gürleşip durandyklaryny gördük.




*Suratda: Afinynyň Omoniýa meýdany*

Gresiýanyň iki ýyl öň Günbatar Ýewropa ýurtlaryna barýan gapylaryny ýapmagyndan soň Kasymam şu ýerik baglanyp galanlaryň biri.

BMG-nyň habar bermegine görä, şeýle ýagdaýda galanlaryň sany

50 müňe ýetýär. 2008-nji ýylyň ykdysady çökgünliginiň salan ýaralaryny häzirem bitirip bilmän ýören Gresiýa Ýewropada iň ýokary işsizlik derejesine eýe ýurt.

Gresiýada Kasymdan başga-da tenini satyp gün görýän siriýaly, owganystanly, yrakly, päkistanly ýaş ýigitler az däl. Bombalaryň ýygy-ýygydan partlap duran Kabul şäherinden gaçyp Germaniýa barmak islän Kasym Eýran, Türkiýe, Bolgariýa, Serbiýa ýaly ýurtlaryň üstünden geçip, ahyryn Gresiýa bardy.

Bir ýyla golaý wagtyny Serbiýada geçiren Kasym bagtyny Gresiýada synap görmek isläpdir. Emma Afinyda-da bolan 19 ýaşly owgan ýigidi Germaniýa gitmek üçin dört gezek galp pasport bilen ýola çykanam bolsa, synanşygy şowsuz tamamlanypdyr.

Etmek islemeýän işini edip, gününi dolamaga mejbur bolan köp sanly ýaş ýigitleriň diňe biri bolan Kasym Germaniýa gidip bilmedik ýagdaýynda durmuşyny öz eli bilen soňlandyrjakdygyny aýdýar.

Gresiýanyň Raýat goragy ministrliginiň düzümindäki polisiýa edarasy geçirilen barlaglaryň dowamynda Afinyda jynsy taýdan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň belli toparlar tarapyndan ulanylýandygyny tassyklap biljek fakta duş gelmändiklerini mälim etdi.

«NBC News» habarlar gullugy, 14.09.2018 ý. Publisistika